# Tomus aýdymy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Tomus aýdymy TOMUS AÝDYMY

Bezzat tomus bir oýun-a oýnapdyr,
Haýran galarym ýaly.
Gyzarýar,
bozarýar,
uýalýar bagda.
Süýjüligniñ syryn açan şetdaly.
Hem begençli, hem ýañsyly seredýär,
Hemem dilujundan diýýär: «Garagol»
Agaçlar maña.
Süýji pursatlary siñren otlaryñ,
Terlenşi mesaña.
Bakamok parhyna agşam-ertiriñ,
Ýüzümde ýylgyrýar ýaşyryn şatlyk,
Haýran galyp otyryn,

Bezzat tomus bir oýun-a oýnapdyr,
Aýyñ ýagtysyny ýüzüne alman.
Sem bolupdyr sesden ürken tomzaklar,
Paýrapdyr miwesi silkinen almañ.
Ýalkymly tümlüge agnan agaçlañ,
Çyraýlandy ýüzleri.
Diñşirgenýär Aý.
Dükürdeýär gijäñ sarsan ýüregi.

…Düşüşipdir tomsuñ howurly demi.
Gyzarýar, bozarýar ýüzi ertiriñ.
Ýüzümde ýylgyrýar ýaşyryn şatlyk,
Haýran galyp otyryn.

Hudaýberdi SÖHBETOW. Goşgular